# Esger agama

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Esger agama

■ POLKUŇ OGLY

Agam begendi,
Begendi gaty.
Harby komissar
Ýollapdyr haty.

Ol hat gulluga
Çagyrýan hatdy.
Agam maňa-da
Ony okatdy.

Diýdi: — Şatlygmyň
Ýok çägi-çeni,
Goşun gullugna
Alýarlar meni! —

Agama diýdim:
— Menem gudeýin,
Seniň polkuňda
Gulluk edeýin!

"Harby syr" saklap
Başararyn men.
Tüpeňem oklap
Başararyn men! —

Ýylgyrdy agam:
— Başyň ýaş entek!
Gulluk edersiň
Bolaňda men dek!

Seni Goşuna

Ýokdur alaýjak! –
Men diýdim: – Polkuň
Ogly bolaýjak!

■ UGRADYŞ

Agamyň bu gün
Baý, keýpi çag-a,
Ugraýar basym
Esger bolmaga.

Goşhaltasyna
Salyngy goşy.
Deň-duşlaryndan
Dos-doly daşy.

Tabşyrýar ejem:
"Gulluk et gurgun.
Ýygy-ýygydan
Hat ýazyp durgun!"

Tabşyrýar kakam:
"Berkit bedenňi.
Bolgun başarjaň,
Bolgun edenli!"

Men diýýän: "Orden
Aljak bol, aga!
Hökman general
Boljak bol, aga!"

Goşgular